1900-nji ýylyň 29-njy iýunynda Alfred Nobeliň buýrugy boýunça dünýäniň iň abraýly we iň uly baýragy döredildi. 2001-nji ýylda Nobel baýragy ilkinji baýragynyň 100 ýyllygyny belledi. Nobel baýragy bilen sylaglanmak, adam işjeňligine iň ýokary baha bermek sylaglarynyň biridir. Nobel baýragy öz ady bilen adamzadyň ähli ynsanperwerlik üstünliklerini – ylym, edebiýat, parahatçylyk we sport ugrundaky göreşi (2001-nji ýyldan bäri) birleşdirýän ýeke-täk halkara baýragydyr.

Döredilen gününden bäri edebiýat ugry boýunça 120 ýazyjy baýrak aldy. Iňlis dilinde ýazan ýazyjylar sany boýunça sanawyň başyny çekýärler – 31. Fransuz dillerinde ýazylan eserlerden 15 sany we nemes dillerindäki kitaplar üçin 14 sany ýazyjy baýrak aldy. Ispan dilinde – 11, şwed dilinde – 7, italýan we rus dillerinde – 6, polýak dilinde – bäş, norweg dilinde – 4 we daniýalylar- 3, her haýsy iki gezekden ýeňiji bolan grek, ýapon we hytaý dillerinde eser ýazan ýazyjy-şahyrlar bar. Arap, bengal, wenger, island, portugal, serb-horwat, türk, oksitan (prowensal fransuz), fin, çeh we ýewreý dillerindäki eserleriň awtorlary her haýsy bir gezek edebiýat boýunça Nobel baýragyna eýe boldular.

Proza žanrynda işleýän ýazyjylara baýrak eýleki žanrlarda eser döredýänlere görä has köp gezek gowşuryldy: 80 gezek, poeziýa eserleri ikinji orunda (35), drama üçünji orunda (14). Taryh we pelsepe boýunça eserler hem ýeňiji diýip yglan edildi. Şol bir ýazyjy birnäçe žanrdaky eserler üçin sylaglanyp bilner. Mysal üçin, Mauris Maeterlinck (Belgiýa; 1911) proza ýazyjysy we dramaturg hökmünde baýrak aldy.

Baýrak alanlaryň ortaça ýaşy 65-e deň bolup, iň kiçisi 41 ýaşynda (1907) baýragy alan Rudýard Kipling, baýragyň iň uly ýaşly eýesi 88 ýaşly Doris Lessing (2007). 1901-nji ýyldan bäri bu baýrak 1914, 1918, 1935, 1940-1943-nji ýyllarda gowşurylmady.

1953-nji ýylda bu baýrak “Taryhy we biografiki häsiýetli eserleriň ajaýyplygy, şeýle hem iň ýokary adamzat gymmatlyklary goralýan ajaýyp söz sungaty üçin” Angliýanyň premýer-ministri Winston Çerçile berildi.

Baýrak alanlaryň arasynda 17 sany zenan bar. Bu baýragy ilkinji bolup 1909-njy ýylda alan şwesiýaly zenan ýazyjy Selma Lagerlöf bolup, “Nilsiň ýabany gazlar bilen ajaýyp syýahaty” (1906) atly kitaby bilen meşhurlyk gazandy. Baýrak iň soňky gezek zenan ýazyjysyna 2022-njy ýylda berildi. Ýeňiji fransuz ýazyjysy Anni Erno .

**Hydyr AHMEDOW**

**Türkmen döwlet binagärlik – gurluşyk**

Все права защищены

**institutytynyñ talyby**

Все права защищены